#85 (107)
Понедельник, 8 августа 2022 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана

# HORMATLY PREZIDENTIMIZ SERDAR BERDIMUHAMEDOW DEŇIZ KENARYNDAKY TÄZE KOTTEJLER TOPLUMYNYŇ AÇYLYŞ DABARASYNA GATNAŞDY



1-nji awgustynda zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Hazar deňziniň kenarynda täze döwrebap "Rowaç" kottejler toplumynyň açylyş dabarasy boldy. Bu toplum «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň dynç alyş-şypahana düzüminiň üstüni ýetirdi.

Soňky ýyllarda türkmen topragynyň bu ajaýyp künjegi tanalmaz derejede özgerdi. Deňiz kenarynda ak mermerli kaşaň myhmanhanalar, kottej şäherçeleri, ýaht-klublar, çagalar sagaldyş merkezleri, sport desgalary guruldy, dynç alyş seýilgähleri we ýaşyl zolaklar, emeli derýa döredildi. Bularyň hemmesi, şol sanda ulag we inženerçilik-tehniki düzümleriň desgalary-da öňdebaryjy tehnologiýalary hem-de gurluşyk, binagärlik we bezeg ulgamlaryndaky özboluşly çözgütleri peýdalanmak arkaly, täzeçil çemeleşmeleriň esasynda bina edildi.

Bulardan başga-da, häzirki döwürde «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy iri işewürlik, medeni we sport merkezi hökmündäki ornuny pugtalandyryp, ýokary derejedäki duşuşyklaryň, dürli halkara çäreleriniň geçirilýän ýerine öwrüldi.

Dabaranyň başlanmagyna hemme zat taýýar edildi. Ir säherden täze toplumyň töweregini baýramçylyk howasy gurşap aldy.

Dabara gatnaşyjylar uly ruhubelentlik bilen Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy garşylaýarlar. Täze açyljak toplumyň ýanynda çagalar uly şatlyk bilen goşgy aýdyp, döwlet Baştutanymyzy garşy alýarlar. Sungat ussatlarynyň ýerine ýetiren aýdym-tansly kompozisiýasy dabara baýramçylyk öwüşginini çaýdy.

Tolgundyryjy pursat gelip ýetdi. Ýygnananlaryň şowhunly el çarpyşmalary astynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow toý bagyny kesýär. "Rowaç" kottejler toplumy açyldy.

Döwlet Baştutanymyz toplumyň çägine girýär we onuň hyzmat ediş merkezine tarap ugraýar. Bu ýerde bir wagtda 900-e golaý adamy kabul etmäge ukyply hem-de 240 maşgala niýetlenen kottej şäherçesiniň düzümleri bilen tanyşýar.

Bu taslama Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň agzalary bolan "Sabyrly maşgala" hususy kärhanasy hem-de "Güneşli deňiz", "Kent gurluşyk" hojalyk jemgyýetleri tarapyndan amala aşyryldy. Häzirki döwürde ýurdumyzyň telekeçileri uly kuwwata eýe bolmak bilen, dürli pudaklarda netijeli zähmet çekýärler. Hususy kompaniýalar ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň gerimli maksatnamalara işjeň gatnaşýarlar, paýtagtymyzdaky we sebitlerdäki hususy işewürler tarapyndan alnyp barylýan gurluşyk işleri muňa şaýatlyk edýär. Olar «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny ösdürmäge hem üstünlikli gatnaşýarlar. Bu ýerde ozal açylyp ulanylmaga berlen döwrebap dynç alyş merkezleri, şu gün ulanylmaga berilýän kottej şäherçesi munuň aýdyň netijesidir.

Gurluşygy üçin 10 gektar ýer bölünip berlen toplumyň abadanlaşdyrylan çäginde ähli amatlyklary bolan 48 sany 2 gatly kottejler, sport we çagalar üçin oýun meýdançalary, ýüzmek üçin açyk howuz ýerleşýär. Hyzmat ediş merkezinde restoran ýerleşdirilip, bu ýerde dynç alýanlara ýokary hilli hyzmatlar üpjün ediler. Mahlasy, toplumda halkara ölçeglere laýyk derejede dynç almak üçin ähli zerur şertler göz öňünde tutulan.

Hyzmat ediş merkeziniň binasynyň öňünde çagalar ýene-de öz çykyşlary bilen hormatly Prezidentimizi mübäreklediler. Döwlet Baştutanymyz çagalaryň haýyşy boýunça bilelikde ýadygärlik surata düşüp, toplum bilen tanyşmagyny dowam etdi.

Ýolugra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň jemgyýetçilik iýmiti ulgamynda ýöriteleşen kärhanalary tarapyndan guralan milli we daşary ýurt aşhanasynyň tagamlarynyň sergisi hem-de türkmen telekeçileriniň önümleri bilen tanyşdy.

Bu özboluşly sergi dürli ugurlar boýunça, şol sanda hyzmatlar ulgamynda uly üstünlikler gazanan ýurdumyzyň işewürleriniň köpugurly kuwwatyny we giň mümkinçiliklerini aýdyňlygy bilen görkezdi. Bu ýerde öz müşderilerine türkmen aşhanasynyň köp görnüşli tagamlaryny hödürleýän kafeleriň, restoranlaryň hem-de toý mekanlarynyň tagamlary bilen tanşyp bolýar.

Halkymyzyň medeni mirasynyň aýrylmaz bölegi bolan, asyrlaryň dowamynda kemala gelen milli aşhanamyz öz ähmiýetini saklap gelýär hem-de tagamlaryň täze görnüşleri bilen üsti ýetirilýär. Bişirilýän dürli tagamlaryň taýýarlanyş usullary her maşgalada nesilden-nesle geçirilip, biziň günlerimize çenli saklanyp galypdyr. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen neşir edilen "Bereketli türkmen saçagy" atly kitap hem milli aşhana sungatymyza, onuň taryhyna we özboluşly däplerine bagyşlanandyr. Ýurdumyzda giň meşhurlyk gazanan bu eser daşary ýurtlarda hem uly gyzyklanma döretdi.

Türkmen telekeçileriniň peýnirleriň, şöhlat, süýt hem-de süýji-köke önümleriniň, alkogolsyz içgileriň, miwe şireleriniň, doňdurmanyň ýokary hili bilen tapawutlanýan dürli görnüşlerini öndürýändiklerini bellemek gerek.

Bulardan başga-da, sergide ýurdumyzda öndürilýän ter gök we bakja önümleri görkezildi. Bir söz bilen aýdylanda, bu ýerde bereketli türkmen saçagynyň bolçulygy özüniň aýdyň beýanyny tapdy.

Ýurdumyzdaky kafeler hem-de restoranlar daşary ýurtlaryň aşhanalarynyň tagamlarynyň giň görnüşini hem hödürleýärler. Biziň aşpezlerimiz olary taýýarlamagyň usullaryny doly özleşdirdiler. Şu gezekki sergi muny aýdyňlygy bilen görkezdi.

Aşpezler döwlet Baştutanymyza netijeli zähmet çekmek, milli we dünýä aşhana sungatyny özleşdirmek, hünär derejelerini kämilleşdirmek babatda döredilen şertler hem-de mümkinçilikler üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Soňra hormatly Prezidentimiz kottejlere tarap ugrady. Döwlet Baştutanymyz bu ýerde dynç alýanlar üçin döredilen şertler, otaglaryň ýerleşdirilişi hem-de enjamlaşdyrylyşy bilen gyzyklandy. Kottejlerde maşgala bolup dynç almak üçin ähli amatlyklar göz öňünde tutulypdyr.

Öýleriň her birinde mebeller bilen üpjün edilen ýatylýan hem-de myhman otaglary, degişli enjamlar ornaşdyrylan aşhana bar. Dynç alýanlar isleglerine görä, bu aşhanada nahar taýýarlap bilerler. Otaglaryň içki bezegi milli äheňde ýerine ýetirilipdir.

Bu ýerde dynç alýanlar üçin adam bedeniniň berkidilmegine gönükdirilen fiziobejergileriň toplumyny hödürleýän SPA merkezi, döwrebap ugurdaş enjamlar bilen üpjün edilen karaoke-bar göz öňünde tutulan. Bir söz bilen aýdylanda, "Rowaç" öz myhmanlary üçin iň ýokary derejedäki hyzmatlary hödürleýär.

Kottejler toplumy bilen tanyşlykdan soňra, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň başlygyna täze toplum üçin niýetlenen awtoulaglaryň açarlaryny gowşurdy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň ýolbaşçysy hormatly Prezidentimizi TSTB-niň agzalarynyň mundan beýläk-de tutanýerli zähmet çekip, Watanymyzyň gülläp ösmegine mynasyp goşant goşjakdyklaryna ynandyrdy.

Soňra hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hazaryň häzirki zaman dynç alyş düzümi kemala gelýän kenaryna ugrady. Bu ýerde hem baýramçylyk şowhuny möwç urýar, aýdym-sazlar ýaňlanýar. Döwlet Baştutanymyz ildeşlerimiziň arassa howada dynç almagy, bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmagy üçin döredilen şertler bilen gyzyklandy. Munuň üçin deňziň kenarynda sport meýdançasy hem gurlupdyr.

Gojaman Hazaryň kenary ýylyň bu paslynda has ýakymly. Arkadagly Serdarymyz bu ýerde döredilen amatlyklar bilen tanyşlygyň dowamynda adamlaryň ýokary derejeli dynç alşyny üpjün etmek maksady bilen alnyp barylýan işleri döwrüň talabyna laýyk derejede ösdürmek babatda degişli ýolbaşçylara anyk görkezmeleri berdi. Şu ýerde dynç alýanlar, aýratyn-da, şadyýan çagalar joşgunly çykyşlar bilen bagtyýar çagalygyň ýurdy hökmünde ykrar edilen Diýarymyzda Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda döredilýän amatlyklar üçin hoşallyk sözlerini aýtdylar.

Deňziň arassa howasy, altynsow çägeli kenar hem-de ýyly suw uly adamlara we çagalara dynç almak üçin amatly şertleri döredýär.

Bu gün dünýäde sportuň kenarda oýnalýan görnüşleri, hususan-da, woleýbolyň, futbolyň we hatda tennisiň kenarda oýnalýan görnüşleri uly meşhurlyga eýe bolýar. Deňiz, bulardan başga-da, sportuň suwdaky görnüşleri üçin ajaýyp tebigy "meýdançadyr". «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda sportuň bu görnüşleri bilen meşgullanmak üçin hem ähli şertler döredilen. Munuň özi wagtyňy gyzykly geçirmek bilen bir hatarda, adam saglygynyň berkidilmegine-de ýardam berýär. 2014-nji ýylda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda windsörfing boýunça Dünýä kubogy ugrunda ýaryşlaryň bir tapgyrynyň geçirilendigini we şonda ýurdumyzyň ýelkenli sport boýunça halkara ýaryşlarynyň senenamasyna ilkinji gezek girendigini bellemek ýerliklidir.

Sport ugry turuwbaşdan «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyny ösdürmekde ileri tutulýan ugurlaryň hatarynda kesgitlenildi. Onuň düzümine 2017-nji ýylyň aprel aýynda açylan köpugurly sport toplumy girýär. Bu sport şäherçesi sportuň oýun, suw we gyşky hem-de başa-baş söweş sungaty görnüşleri bilen meşgullanmak üçin niýetlenen, şeýle-de halkara ölçeglerine laýyk gelýän birnäçe desgany özünde jemleýär. Şu toplumda dünýäniň öňdebaryjy kompaniýalarynyň öndüren ugurdaş enjamlary bilen üpjün edilen fitnes-zallar hereket edýär. Bu zallarda ornaşdyrylan sport enjamlary netijeli türgenleşik geçirmäge mümkinçilik berýär.

Awazada welosiped sporty bilen meşgullanmak, welosipedde gezelenç etmek üçin amatly şertler bar. Gezelenç wagtynda Hazar deňziniň ekologiýa taýdan arassa kenarynyň ajaýyp gözelliklerini synlamak adamda ýakymly duýgulary döredýär. Mahlasy, amatly howa şertleri hem-de Hazar deňziniň kenar ýakasynyň baý şypahana kuwwaty, iň döwrebap tehnologiýalardan we innowasiýalardan, öňdebaryjy binagärlik hem-de inžener-tehniki pikirden ugur alynmagy, öňde goýlan maksatlara ýetmek babatda oýlanyşykly çemeleşmeler eziz Diýarymyzyň "deňiz merjeniniň" halkara syýahatçylygyň, şypahana-dynç alşyň hem-de sportuň ykrar edilen merkezine öwrülmegi üçin ähli şertleri döredýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hazar deňziniň kenarynda dynç almak hem-de sport bilen meşgullanmak üçin döredilen şertler bilen tanşanyndan soňra, "Rowaç" kottejler toplumyna geldi. Döwlet Baştutanymyz dabara gatnaşyjylar bilen mährili hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Şeýlelikde, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň täze düzümleýin desgasynyň açylyp ulanylmaga berilmegi parahatçylyk, döredijilik hem-de ösüş ýoly bilen ynamly öňe barýan Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň ýyl ýazgysyna ýene-de bir şanly waka bolup girdi.

---

**Его Превосходительству**
**господину Сердару Бердымухамедову,**
**Президенту Туркменистана**

В связи с наступлением нового, 1444 года по летоисчислению Аль-Хиджри, мне доставляет огромное удовольствие выразить Вашему Превосходительству искренние поздравления и наилучшие пожелания.

Молю Всевышнего о ниспослании Вам крепкого здоровья и счастья, а народам исламской уммы – добра, благоденствия и изобилия.

Примите мои заверения в глубоком к Вам уважении.

**Ваш брат**
**Мохаммед бин Зайед Аль Нахайян,**
**Президент Объединённых Арабских Эмиратов.**

**Его Превосходительству**
**господину Сердару Бердымухамедову,**
Президенту Туркменистана

В связи с наступлением нового, 1444 года по летоисчислению Аль-Хиджри, мне доставляет огромное удовольствие выразить Вашему Превосходительству искренние поздравления и наилучшие пожелания.

Молю Всевышнего о ниспослании Вам крепкого здоровья и счастья, а народам исламской уммы – добра, благоденствия и изобилия.

Примите мои заверения в глубоком к Вам уважении.

**Ваш брат**
**Мохаммед бин Рашид Аль Мактум,**
**Вице-президент Объединённых Арабских Эмиратов,**
**Премьер-министр, Правитель Дубая.**

**Его Превосходительству**
**господину Сердару Бердымухамедову,**
**Президенту Туркменистана**

Направляю Вашему Превосходительству наилучшие пожелания и сердечные поздравления по случаю наступления нового, 1444 года по летоисчислению Аль-Хиджри.

Молю Всемогущего Аллаха о ниспослании Вам крепкого здоровья и счастья, а дружественному туркменскому народу и мусульманской умме – добра и изобилия.

**Мухаммад Юнус Аль-Манфи,**
**Председатель Президентского совета Ливии.**

# Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Hazar deňziniň kenary boýunça gezelenç hem-de welosipedli ýöriş etdi

4-nji awgustynda zähmet rugsadynda bolýan hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ogly Kerimguly bilen ir säherde Hazaryň kenaryna çykyp, birsellem gezelenç edip, welosipedli ýörişi amala aşyrdy, şeýle-de sport maşklaryny ýerine ýetirdi.

Häzirki döwürde ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen binýady goýlan sagdyn durmuş ýörelgeleri hormatly Prezidentimiz tarapyndan işjeň dowam etdirilýär. Bu bolsa köpçülikleýin bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegini şertlendirýär. Bu ýörelgeler döwlet syýasatynyň möhüm ugry hökmünde kesgitlenildi.

Ähli möwsümlerde bolşy ýaly, tomus paslynyň ir säheriniň özboluşly gözelligi, hoştap howasy hem-de serginligi ynsan ruhuna ýakymly täsir edýär. Döwlet Baştutanymyz şeýle ajaýyp mümkinçilikden peýdalanyp, ogly bilen kenarda birsellem gezelenç etdi. Deňziň kenarynda gezelenç etmegiň saglyk üçin aýratyn peýdalydygyny bellemek gerek.

Soňra hormatly Prezidentimiz ogly Kerimguly bilen bilelikde Awazanyň çägi boýunça welosipedli ýörişi dowam etdi. Ýokary ekologik derejäni saklamak boýunça giň gerimli işleriň geçirilýän ýeri bolan Awazanyň bagy-bossanlygy we ýaşyl örtükli zolaklary dynç alýanlaryň ruhuny göterýär. «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynyň şypaly howasy hem-de dynç alyş amatlyklary türkmen topragynyň bu behişdi künjeginiň şypahana we sport merkezine öwrülmegi üçin ähli şertleri döredýär.

Soňky ýyllarda bu ýerde häzirki zaman dynç alyş düzümine degişli ýokary derejeli myhmanhanalar toplumy, şypahanalar gurlup ulanmaga berildi. Ýokary halkara görkezijiler esasynda enjamlaşdyrylan döwrebap sport toplumlary gurlup, olarda sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak bolýar.

Säher çagynda ajaýyp görnüşi emele getirýän Hazar deňziniň ekologik taýdan arassa kenarýaka zolagynda welosipedli gezelenç ruhuňy göterýär.

Köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketiniň ösdürilmeginde, jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmeginde welosiped sportuna möhüm orun degişlidir. Şunuň bilen baglylykda, ýurdumyzda sportuň bu görnüşiniň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine, welosipedli gezelençleriň wagyz edilmegine aýratyn ähmiýet berilýär.

Mälim bolşy ýaly, Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanda köpçülikleýin welosipedli ýörişleri geçirmegiň asylly däbiniň başyny başlady. Bu başlangyç watandaşlarymyzyň giň goldawyna eýe bolup, olar ýurdumyzda yzygiderli guralýan giň gerimli şeýle çärelere uly höwes bilen gatnaşýarlar.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda sportuň ekologik taýdan arassa görnüşi hasaplanýan welosiped sportunyň muşdaklarynyň günsaýyn artýandygyny bellemek gerek. Şunuň bilen baglylykda, dürli ýaşdaky adamlar welosiped sürmegi, welosiped sporty bilen meşgullanmagy durmuş kadasyna öwürdi. Bu bolsa köpçülikleýin bedenterbiýäni we ýokary netijeli sporty ösdürmek ugrunda döwlet tarapyndan edilýän tagallalaryň üstünliklere beslenýändiginiň nobatdaky beýanydyr.

Welosiped sporty bilen meşgullanmak daşky gurşawyň gözelligini, ajaýyp tebigaty synlamaga mümkinçilik berýär. Häzirki döwürde tebigata aýawly garamak milli özboluşlylygyň aýrylmaz ölçegleriniň biri bolup, döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugruna öwrüldi. Sport, saglyk we ekologiýa biri-birinden aýrylmaz düşünjelerdir. Ekologik ýagdaý ýurdumyzda amala aşyrylýan toplumlaýyn özgertmeleriň we pudaklaýyn maksatnamalaryň, adamlaryň durmuşy üçin oňaýly şertleri üpjün etmäge gönükdirilen iri düzümleýin taslamalaryň möhüm bölegidir. Soňra hormatly Prezidentimiz ogly Kerimguly bilen “Awaza” köpugurly sport toplumyna geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz türgenleşik enjamlarynda maşklary ýerine ýetirip, ýokary ussatlyk derejesini görkezdi.

Soňky ýyllarda ýurdumyzda ýokary netijeli sportuň we bedenterbiýe sagaldyş hereketiniň hemmetaraplaýyn ösdürilmegine hem-de ilat köpçüliginiň, aýratyn-da, ýaşlaryň işjeň çekilmegine döwlet derejesinde uly üns berilýär. Munuň özi öňde goýlan belent maksatlara ýetmegiň esasy şerti bolup durýar. Sportuň dürli görnüşleri bilen meşgullanmak arkaly saglygy hemmetaraplaýyn berkitmek bu gün ähli ýaşdaky we hünärdäki adamlary birleşdirýän umumymilli maksada, kuwwatly şerte öwrüldi.

Şunda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça öňe sürlen giň möçberli işler, aýratyn-da, sagdyn durmuş ýörelgelerini pugtalandyrmak meseleleri hormatly Prezidentimiziň alyp barýan we durmuş ulgamyny nazarlaýan döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň birine öwrüldi.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda jemgyýetde sagdyn durmuş ýörelgesini berkarar etmek, köpçülikleýin bedenterbiýe-sagaldyş hereketini hem-de ýokary görkezijiler sportuny wagyz etmek, halkara derejeli iri sport döwleti hökmünde Türkmenistany ösdürmek boýunça toplumlaýyn işler amala aşyrylýar.

Lukmançylyk ylmynyň tassyklaýşy ýaly, sport maşklary bedeniň ähli agzalarynyň işjeňligini artdyrýar, gujur-gaýratyňy, ruhubelentligiňi ýokarlandyrýar, gan basyşynyň durnuklylaşmagyna hem-de dartgynlylygyň gowşamagyna ýardam edýär.

Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, sport enjamlarynyň her biriniň özboluşly aýratynlygy bolup, olar bedeniň taplanmagynda bolşy ýaly, adam saglygynyň berkidilmeginde hem aýratyn ähmiýetlidir. Sport enjamlarynda berjaý edilýän maşklaryň kada boýunça dürs ýerine ýetirilmeginiň ynsan saglygy üçin peýdasy uly bolýar.

Köpçülikleýin bedenterbiýäniň we sportuň ösdürilmegi, sportda ýokary netijeleriň gazanylmagy, bu babatda türgenleriň döwlet derejesinde höweslendirilmegi möhüm ugur hökmünde kesgitlenildi. Şeýlelikde, ykdysadyýetimiziň ähli pudaklarynyň işgärleriniň, aýratyn-da, ýaşlaryň bedenterbiýe-sport hereketine işjeň çekilmegi möhüm wezipe bolup durýar. Munuň özi ynsan saglygynyň berkidilmeginde bolşy ýaly, adamlaryň döredijilik ruhunyň ýokarlanmagynda hem aýratyn ähmiýetlidir.



Häzirki wagtda bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmak ýurdumyzyň her bir raýaty üçin durmuş kadasyna öwrülýär. Bu ugurda alnyp barylýan işler özüniň oňyn netijesini berýär. Bu gün Diýarymyzda sportuň ösüşi täze derejä çykdy. Türkmen türgenleri iri halkara ýaryşlara işjeň gatnaşyp, ýokary netijeleri gazanýarlar. Munuň özi Türkmenistanyň sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde abraýyny has-da belende göterýär. Medeni-köpçülik çäreleriniň sport bilen utgaşdyrylmagy bolsa ýaşlary has belent netijeleri gazanmaga ruhlandyrýar.

Döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow sport toplumynda dürli maşklary ýerine ýetirip, bu ýerden ugrady.

# Участникам Международной выставки «Строительство, промышленность, энергетика Туркменистана – 2022» и конференции «Развитие отраслей строительства, промышленности, энергетики Туркменистана»

**Уважаемые участники выставки и конференции!**

**Дорогие гости!**

Сердечно поздравляю вас с началом работы Международной выставки «Строительство, промышленность, энергетика Туркменистана – 2022» и профильной конференции «Развитие отраслей строительства, промышленности, энергетики Туркменистана»!

В эру Возрождения новой эпохи могущественного государства наряду с другими сферами глубокие преобразования происходят в отраслях строительства, промышленности и энергетики. Мы проводим масштабную работу, направленную на укрепление материально-технической базы министерств и отраслевых ведомств в структуре строительно-промышленного комплекса Туркменистана. В отрасль широко внедряются современные инновационные технологии и достижения международной практики. Для обмена опытом с зарубежными партнёрами и реализации взаимовыгодных проектов подобные международные выставки и научные конференции имеют огромное значение.

Вот и нынешние выставка и научная конференция станут площадкой для приобретения работниками Министерства строительства и архитектуры Туркменистана передового опыта в составлении проектно-сметной документации зданий и сооружений различного назначения, а также в деле контроля над ходом их строительства. Продолжается постоянный мониторинг соответствия возводимых сооружений особенностям национального зодчества, использования в строительстве экологически чистых стройматериалов собственного производства, внедрения в работу отрасли цифровых технологий.

Строящиеся в столице – городе Ашхабад – и велаятах на высоком качественном уровне объекты – наглядный результат проводимой отраслью работы.

Позитивный опыт, накопленный во время международных выставок и научных конференций, а также созданные совместно с зарубежными партнёрами новые производства способствуют повышению качества и конкурентоспособности промышленной и строительной продукции, производимой Министерством промышленности и строительного производства Туркменистана.

Успешное начало работ по проекту создания Министерством энергетики Туркменистана кольцевой энергосистемы страны, недавнее открытие в Бюзмейинском этрапе города Ашхабад основанного на современных технологиях крупного Центра по ремонту и сервисному обслуживанию энергетического оборудования являются неоспоримым свидетельством эффективности международного сотрудничества.

Государственный концерн «Türkmenhimiýa» ведёт плодотворную работу по обеспечению потребителей удобрениями для сельского хозяйства и газохимической продукцией. Все подведомственные отрасли новые химические предприятия созданы в результате работы, направленной на превращение Туркменистана в индустриально развитое государство. Увеличение наименований и повышение качества сельскохозяйственных удобрений и газохимической продукции, внедрение в профильную сферу сов-ременных цифровых технологий и эффективная организация работ свидетельствуют о растущем потенциале химической индустрии страны.

Государственное агентство по управлению строительством автомобильных дорог обеспечивает прокладку автотрасс местного и государственного значения на территории страны на основе отвечающих мировым стандартам передовых дорожно-строительных технологий.

**Уважаемые люди!**

**Дорогие гости!**

Выставка «Строительство, промышленность, энергетика Туркменистана – 2022» является значимым международным мероприятием, способствующим эффективному обмену опытом, организации пло¬дотворных встреч. Смотр предоставит возможности для всестороннего обзора достижений строительно-промышленного комплекса Туркменистана, что отразится в будущих конкретных договорах и проектах.

Конференция «Развитие отраслей строительства, промышленности, энергетики Туркменистана», в свою очередь, позволит получить информацию об уровне развития и инвестиционной привлекательности данных сфер, являющихся неотъемлемой частью национальной экономики Туркменистана. На конференции также будут представлены инновационные решения, касающиеся новейших разработок и проектов в строительной и промышленной сфере.

Сплочённые работники строительного и промышленного комплекса Туркменистана!

**Дорогие гости!**

Ещё раз от всего сердца поздравляю вас с началом работы в году «Эпоха народа с Аркадагом» Международной выставки «Строительство, промышленность, энергетика Туркменистана – 2022» и конференции «Развитие отраслей строительства, промышленности, энергетики Туркменистана»!

Желаю вам крепкого здоровья, долголетия и больших успехов в работе!

**Президент Туркменистана**
**Сердар Бердымухамедов**

Интернет газета
Международные новости

# AŞGABATDA HALKARA SERGI WE MASLAHAT GEÇIRILDI




6-7-nji awgustda paýtagtymyzda «Türkmenistanyň gurluşygy, senagaty, energetikasy — 2022» atly halkara sergi we onuň çäklerinde «Türkmenistanyň gurluşyk, senagat, energetika pudaklarynyň ösüşi» atly maslahat geçirildi. Bu ähmiýetli çäreler ýurdumyzyň ugurdaş ministrlikleri we pudaklaýyn dolandyryş edaralary hem-de Söwda-senagat edarasy bilen bilelikde guraldy.

Hormatly Prezidentimiziň başlangyjy boýunça geçirilýän bu ýöriteleşdirilen forum 6-njy awgustda ilkinji gezek bellenilen Türkmenistanyň gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününe bagyşlandy. Ol Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň döredijilikli, ykdysady taýdan ösüş ýoly bilen öňe barýan döwletimiziň bu ugurlarda gazanýan üstünliklerini giňişleýin beýan etdi. Bu hünär baýramçylygy mynasybetli tutuş ýurdumyz boýunça dürli çäreler geçirildi, zähmetiň öňdebaryjylary sylaglanyldy. Olara gymmat bahaly sowgatlar gowşuryldy.

Ägirt uly serişde ekologik taýdan arassa, ýokary tehnologiýaly, şol bir wagtyň özünde ýokary hilli önümleriň önümçiligi hem-de olaryň halkara ülňüleriň talaplaryna doly laýyk gelmegi ýurdumyzyň gurluşyk we senagat ulgamynyň daşary ýurtlarda uly abraýyny üpjün edýär. Kuwwatly önümçilik düzüminiň döredilmegini, ýerli çig mal serişdeleriniň we tebigy baýlyklaryň binýadynda ýokary hilli önümleriň möçberleriniňdir görnüşleriniň artdyrylmagyny esasy ugur edinýän Türkmenistan gyzyklanma bildirýän hyzmatdaşlar bilen gatnaşyklary işjeňleşdirýär. Olar ýurdumyzda sazlaşykly ösüş ýoluna düşen hem-de daşary ýurt kompaniýalary we maýa goýumlar üçin açyk bolan bazarymyzda öz orunlaryny berkitmäge çalyşýarlar.

Bu gezekki halkara serginiň hem-de maslahatyň baş maksady ýurdumyzyň gurluşyk, senagat, energetika ulgamlarynyň, himiýa senagatynyň, ýol gurluşygy düzümleriniň ösdürilmegine ýardam bermekden, döwletimiziň haryt öndürijileriniň ägirt uly kuwwaty we mümkinçilikleri, daşary ýurtly gatnaşyjylaryň häzirki zaman enjamlary, täze tehnikalary, hyzmatlary bilen tanyşdyrmakdan ybaratdyr.

Halkara serginiň açylyş dabarasyna Hökümet agzalary, Milli Geňeşiň Halk Maslahatynyň agzalary, Mejlisiň deputatlary, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri, daşary ýurtlaryň Türkmenistanda işleýän diplomatik wekilhanalarynyň, halkara guramalaryň ýolbaşçylary, daşary ýurtly we ýerli işewürler, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleri, köp sanly aşgabatlylar gatnaşdylar.

Paýtagtymyzyň döredijilik toparlarynyň aýdym-sazly çykyşlary bu dabara özboluşly baýramçylyk öwüşginini çaýdy. Dabara gatnaşyjylar hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Gutlagyny uly ruhubelentlik bilen diňlediler. Onda döwlet Baştutanymyz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe beýleki pudaklarda bolşy ýaly, gurluşyk, senagat we energetika ulgamlarynda hem ägirt uly özgertmeleriň üstünlikli durmuşa geçirilýändigini belleýär.

Söwda-senagat edarasynyň binasynda milli ykdysadyýetimiziň gurluşyk we senagat pudaklaryny döwrebaplaşdyrmak hem-de köpugurly esasda ösdürmek boýunça alnyp barylýan ägirt uly işler, hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baştutanlygynda Döwlet maksatnamalarynyň we maýa goýum taslamalarynyň üstünlikli durmuşa geçirilişi barada gürrüň berýän sergi bölümleri ýerleşdirildi. Onuň çäklerinde gurluşyk, senagat we gurluşyk harytlarynyň önümçiligi, elektroenergetika, himiýa senagaty, gaz hem-de nebithimiýa, ýol gurluşygy ýaly ugurlar boýunça alnyp barylýan işler görkezildi. Ýurdumyzyň döwlet we telekeçilik düzümleriniň, daşary ýurt kompaniýalarynyň diwarlyklarynda bilelikdäki taslamalary ýerine ýetirmekde özara bähbitli gatnaşyklaryň netijeliligi aýdyň beýanyny tapdy.

Sergide ýurdumyz üçin senagat ulgamynda zerur we dünýä bazarlarynda bäsdeşlige ukyply gurluşyk serişdelerini ozaldan öndürip gelýän kärhanalar bilen bir hatarda, bu işe ýaňy başlan täze kärhanalar hem öz mümkinçiliklerini görkezdiler. Şol önümleriň hatarynda dürli ölçegdäki turbalar, kerpiçler, demirbeton önümleri, gidroizolýasiýa serişdeleri, ýuwlan çagyl, penopolistirol, keramzit, emulsiýalaryň we boýaglaryň dürli görnüşleri, elektrik kabeller, kafel, gury gurluşyk garyndylary, "Türkmenaýnaönümleri" kärhanasynyň dürli görnüşli aýnalary, ýag we howa süzgüçleri, akkumulýatorlar bar.

Sergi bölümlerinde görkezilýän wideoşekillerde gurluşyk önümçiliginiň täze önümleri we tehnologiýalary, awtomatik ulgamlar, gurluşyk serişdelerini öndürýän kiçi zawodlar, suw sorujylar hem-de suw arassalaýjy enjamlar, panel we diwarlyk bloklary, alýumin, plastik germewler, santehniki we bezeg serişdeleri mahabatlandyryldy.

Ýurdumyzyň ozaldan gelýän hyzmatdaşlary bolan "Bouygues Turkmen", "General Electric", "Gap Inşaat", "KSB", "Rönesans", "Sumitomo Corporation", "Interbudmontaž", "Dorožnoýe stroitelstwo "Altkom", "Çalyk Enerji", "Wozroždeniýe" önümçilik birleşigi hem-de beýlekiler gurluşyk desgalarynyň şekillerini, innowasion işläp taýýarlamalaryny we tehnologiýalary görkezdiler. Sergide suw üpjünçiligi, yşyklandyryş, ýol gurluşygy, işjeň dynç alyş senagaty ugurlaryna möhüm orun berlipdir.

Ýurdumyzyň bu ugra degişli düzümleriniň bölümlerinde energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmeleriniň önümçiligi boýunça täze işläp taýýarlamalar görkezildi.

Çykyşlarda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Türkmenistanyň innowasion ösüşini ugur edinýän syýasatynda gurluşyk we senagat pudaklaryny köpugurly ösdürmäge, umuman, ykdysadyýetimizde düzümleýin özgertmeleri durmuşa geçirmäge möhüm ähmiýet berilýändigi nygtaldy.

Daşary ýurtly wekiller sanly ulgam arkaly eden çykyşlarynda döwlet Baştutanymyzyň foruma gatnaşyjylara iberen Gutlagynda kesgitlän ugurlarynda hyzmatdaşlygyň uly geljeginiň bardygyny bellediler.

Maslahatda elektroenergetika pudagynda alnyp barylýan barlaglaryň netijeliligini ýokarlandyrmak, suw serişdelerini saklamak, gurluşyk harytlarynyň önümçiligi, ýolgurluşyk pudagynyň ösüşindäki täzeçil usullar ýaly meseleler boýunça hem pikir alyşmalar boldy. Ýurdumyzyň hünärmenleri we telekeçileri iri döwlet sargytlaryny durmuşa geçirmek, Aşgabat — Türkmenabat ýokary tizlikli awtomobil ýoluny gurmak, Ahal welaýatynyň täze, döwrebap edara ediş merkezini, "Aşgabat-sitiniň" desgalaryny bina etmek boýunça birnäçe şekilleri görkezdiler. Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda amala aşyrylýan döwlet strategiýasy uzak möhletleýin ösüş kuwwatyna eýe bolan hem-de ilatyň hal-ýagdaýynyň yzygiderli ýokarlandyrylmagyny üpjün edýän milli ykdysadyýetiň kemala getirilmegini göz öňünde tutýar.

Maslahata gatnaşyjylar bu forumy guramak babatda döredilen şertler üçin hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowa tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler we ýurdumyzda maýa goýum taslamalarynyň amala aşyrylmagyna, Diýarymyzyň dünýä giňişligine goşulyşmagyna we onuň bäsdeşlige ukyplylygynyň ýokarlandyrylmagyna döwlet derejesinde üns berilýändigini nygtadylar. Döwlet Baştutanymyz tarapyndan milli ykdysadyýetimizi döwrebaplaşdyrmak we diwersifikasiýalaşdyrmak, gurluşyk-senagat toplumyny ösdürmek boýunça başy başlanan giň gerimli maksatnamalaryň üstünlikli durmuşa geçirilmegi bilen, ýurdumyzda öndürilýän harytlara içerki bazarda hem, daşarky bazarda hem isleg barha ýokarlanýar. Forumyň çäklerinde "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň hem-de daşary ýurtlaryň kompaniýalarynyň we işewürleriniň birnäçesiniň arasynda gol çekilen resminamalar muňa aýdyň şaýatlyk edýär. Şolaryň hatarynda Ahal welaýatyndaky gazdan benzin öndürýän zawodda öndürilen ECO-93 kysymly benzini satyn almak boýunça eksport şertnamalarynyň üçüsi, Beýik Britaniýanyň, Germaniýanyň we Italiýanyň iri kompaniýalary bilen baglaşylan 3 import şertnamasy, "Türkmenhimiýa" döwlet konserniniň hem-de Germaniýanyň "KSB Group" kompaniýasynyň arasyndaky özara düşünişmek hakynda Ähtnama bar.

Forumyň gün tertibine himiýa senagatynda ylmyň orny, ýurdumyzyň gazhimiýa önümleriniň dünýä bazarlaryna ugradylyşy, önümçilige täze enjamlaryň ornaşdyrylyşy, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe energetika diplomatiýasynyň ösüşi, elektroenergetika ulgamynda gaz turbinalary, energiýa tygşytlaýjy gurnamalary ulanmak bilen baglanyşykly meseleler girizildi.

"Türkmenistanyň gurluşygy, senagaty, energetikasy — 2022" atly halkara sergä gatnaşyjylara diplomlary gowşurmak dabarasy hem boldy.

## MEETING WITH THE SECRETARY GENERAL OF THE COOPERATION COUNCIL FOR THE ARAB STATES OF THE GULF



On August 1, in the Avaza National Tourist Zone, a meeting was held between the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, the Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan, as well as the Deputy Prime Ministers in charge of the fuel and energy complex, trade and services, the Director General of the Transport and Communications Agency under the Cabinet of Ministers with Nayef Falah Mubarak Al-Hajraf, Secretary General of the Cooperation Council for the Arab States of the Gulf.

During the meeting, the prospects for further development of relations between Turkmenistan and the Cooperation Council for the Arab States of the Gulf were discussed.

As emphasized, building up a fruitful partnership between Turkmenistan and the Arab states of the Gulf, both in a bilateral and multilateral format, is one of the priorities of the foreign policy of our country.

The importance of stirring up of interaction in the field of transport and logistics, as well as intensifying cooperation in the energy sector, further expanding the range of goods and services, and increasing the volume of mutual trade turnover was noted.

During the meeting, a Memorandum of Understanding was signed between the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan and the General Secretariat of the Cooperation Council for the Arab States of the Gulf on the consultation mechanism.

At the end of the meeting, the interlocutors expressed confidence in the existence of great prospects for cooperation between Turkmenistan and the Cooperation Council for the Arab States of the Gulf.

## ТУРКМЕНИСТАН ПРИДЕРЖИВАЕТСЯ ПОЛИТИКИ «ОДНОГО КИТАЯ» И ПОДДЕРЖИВАЕТ ТЕРРИТОРИАЛЬНУЮ ЦЕЛОСТНОСТЬ КНР

5 августа в МИД Туркменистана состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Вепа Хаджиева с Чрезвычайным и Полномочным Послом КНР в Туркменистане Цянь Найчэном. Об этом сообщает МИД Туркменистана.

Дипломаты обсудили широкий круг вопросов, касающихся дальнейшего развития традиционно дружественных туркмено-китайских связей. Была отмечена высокая эффективность реализации совместных, социально-экономических и культурных проектов.

В целях активизации двустороннего политического взаимодействия стороны особо подчеркнули, что главным фактором углубления отношений стратегического партнерства Туркменистана и КНР являются встречи на высшем и высоком уровнях. В этой связи стороны обсудили вопросы организации взаимных государственных, парламентских и правительственных визитов.

Касаясь вопросов международной тематики, дипломаты констатировали совпадение или схожесть позиций Туркменистана и Китая по наиболее актуальным проблемам, стоящим в глобальной повестке дня, а также отметили активную совместную деятельность на региональном треке.

Было признано, что залогом такой успешной работы служит строгое следование обеими странами нормам и принципам Устава ООН и в первую очередь соблюдению принципов уважения суверенитета, территориальной целостности государств, их невмешательства во внутренние дела друг друга.

Туркменская сторона в течение многих лет неоднократно заявляла о поддержке политики «одного Китая», что было зафиксировано во всех основополагающих туркмено-китайских официальных документах.

Позиция Туркменистана остается неизменной: туркменская сторона привержена политике «одного Китая», поддерживает суверенитет и территориальную целостность Китая на основе международного права.

В завершение встречи стороны договорились продолжить дипломатические контакты в соответствии с ранее намеченными планами.

Интернет газета
Международные новости

# HALKARA GATNAŞYKLARYNDA TÜRKMENISTANYŇ BITARAPLYK SYÝASATY

Türkmenistanyň parahatsöýüjilikli daşary syýasaty halkara gatnaşyklary ulgamynda täze sepgitlere ýetýär. Munuň aýdyň mysallaryny biz Türkmenistanyň öz ýakyn goňşulary we sebit döwletleri bilen, şeýle hem dünýäniň dürli ýurtlary bilen hoşniýetli we dostlukly, deňhukukly we özara bähbitli gatnaşyklarynyň ösüşinde görýäris.

Döwletimiziň bitaraplygy halkara jemgyýetçiligi tarapyndan diňe bir möhüm syýasy ýagdaý däl-de, eýsem sebitde durnuklylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge gönükdirilen parahatsöýüjilikli başlangyçlary amala aşyrmagyň täsirli guraly hökmünde kabul edilip gelinýär.

Ýurdumyzyň bitaraplygy onuň amatly geosyýasy ýagdaýy, ägirt uly tebigy baýlyklarynyň, ilkinji nobatda, energiýa serişdeleriniň, gaýtalanmajak baý taryhy we medeni mirasynyň adamzat bähbitlerine hyzmat etmegi ülkämiziň Ýewraziýa giňişliginde howpsuzlygy we durnuklylygy saklamagyň girewidigini aňladýar. Türkmenistan döwletimiz özüniň bitaraplyk syýasatynyň netijesinde bäş müň ýyllyk taryhy we medeniýeti, ägirt uly tebigy baýlyklary bilen berkararlyk we bagtyýarlyk döwründe beýik geljege ümzük atýan täze keşbe eýe boldy. Türkmenistanyň bitaraplygynyň daşary syýasy strategiýasy onuň harby-syýasy birleşiklere goşulmazlyk we dünýäniň ähli halklary bilen dost-doganlyk gatnaşyklaryny ösdürmek bilen häsiýetlenýän döwletiň aýratyn halkara-hukuk derejesidir.

Bu gün Türkmenistanyň Prezidentiniň başlangyjy bilen sebitara hyzmatdaşlygynyň netijeligini ýokarlandyrmak üçin ençeme halkara ähmiýetli uly taslamalar amala aşyryldy we aşyrylýar. Elbetde daşary ýurtlar bilen ykdysady, syýasy we medeni gatnaşyklaryň giň gerim bilen ýola goýulmagy biziň ýurdumyz üçin hem bähbitlidir. Sebäbi dünýä döwletleri bilen ýakyn hyzmatdaşlyk bize adamzat ylmynyň iň täze açyşlaryny özleşdirmäge we ýokary tehnologiýalary senagatymyza ornaşdyrmaga, şonuň netijesinde hem döwletimizde öndürilýän önümleriň hilini we möçberini ýokarlandyrmaga mümkinçilik berýär.

Türkmenistanyň ykdysadyýetini ösdürmegiň geljegi we halkara ykdysady ýagdaýyň kontekstinde emele gelýän häzirki zaman çagyryşlarynyň şertlerinde daşary ykdysady gatnaşyklar barada aýdylanda, soňky ýyllarda ýurduň milli ykdysadyýetinde daşky gurşawyň ýaramaz şertlerine garşy durnuklylygy üpjün etmäge gönükdirilen gurluşlaýyn üýtgeşmeler bolup geçdi.

Ýagny milli önümleri dünýä bazaryna çykarmaga gönükdirilen işler Türkmenistan üçin ykdysady taýdan bähbitli ugur boldy we şeýle bolmagynda galýar.

Şeýle-de Türkmenitanyň iki yklymyň serhedinde ýerleşmegi baý çig mal bazasynyň we bitaraplyk derejesiniň eýesi bolan döwletimiz üçin giň ykdysady mümkinçilikleri döredýär.

Hususan-da, hormatly Prezidentimiziň tagallalary bilen Ýewropa bilen Aziýany birleşdirýän möhüm söwda ýollarynyň döremegi üçin zerur bolan ösen ulag we aragatnaşyk ulgamynyň emele getirilýändigi, halkara maýa goýumlary üçin amatly şertleriň döredilýändigi, geljekde önümçiligi ýola goýmak üçin tükeniksiz çig mal bazasynyň barlygy, döwletizimi daşary ýurt döwletleriniň, iri korporasiýalarynyň we telekeçileriň maýa goýumlary üçin örän amatlylygy bilen tapawutlandyrýandyr. Ýagny bu bolsa Türkmenistanyň daşary syýasatynda halkara ulag-aragatnaşyk geçelgelerini döretmek we olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek baradaky başlangyçlara uly orun berýändigini aňladýar.

Türkmenistanyň Gündogardan-Günbatara we Günortadan-Demirgazyga uzaýan ýollaryň çatrygynda ýerleşmegi bilen Beýik ýüpek ýolunyň merkezi halkasyny emele getirendigi taryhy hakykatdyr. Bu ýol bir ýarym müň ýyla golaý döwürde parahatçylygyň we dürli halklaryň medeni taýdan hyzmatdaşlyk etmeginiň ýoly bolup hyzmat edýär. Bu sebäpleriň ählisi hem türkmen topragynda özboluşly ruhy atmosferanyň, intellektual mümkinçiligiň döremegine getirýär we öz gezeginde, olar medeni ösüşiň itergi güýjüne öwrülýär. Türkmenlere mahsus bolan açyklygyň, parahatçylyksöýüjiligiň, beýleki halklaryň medeniýetine we dini ynançlaryna sarpa goýmagyň binýadyny-da hut şu aýratynlyklar emele getirýär.

Dünýä belli dürli siwilizasiýalaryň, medeniýetleriň çatrygynda ýerleşýändigine garamazdan, türkmen milleti öz aýratynlygy, başgalara meňzemeýän, gaýtalap bolmajak özboluşlylygyny saklamagy başaran milletdir. Söz bilen beýan edip bolmaýan, ýöne hakykat ýüzünde ykrar edilýän bu medeni aýratynlyk türkmenleriň türkmen bolmagyny, birnäçe müňýyllyklaryň dowamynda bitewi millet bolup galmagyny üpjün eden ululykdyr.

Şonuň üçin hem Türkmen diplomatiýasynyň milli mekdebiniň kemala gelýän häzirki şertlerinde medini diplomatiýa uly orun berilýär.

Dünýä ösüşiniň häzirki tapgyrynda halkara gatnaşyklarynda ýurduň tutýan ornuny pugtalandyrmakda ähmiýetli sebäpleriň biri hökmünde medeniýet özünde uly mümkinçilikleri jemleýär. Medeni gatnaşyklaryň ösdürilmegi döwletiň özüneçekiji keşbiniň deredilmegine mümkinçilik berýän esasy ugurdyr. Globallaşýan dünýäde aýratyn ähmiýete eýe bolan halkara gatnaşyklaryň milli bähbitlerinden ugur almak bilen, medeniýet şol strategik maksatlary amala aşyrmagyň netijeli serişdesi bolup hyzmat edýär. Ýöne ýurduň medeni strategiýasyna onuň syýasy, ykdysady strategiýasyndan üzňe garamak mümkin däl. Sebäbi bu üç sany ugruň özara baglanyşykly bolmagy döwletiň bitewi daşary syýasatyny emele getirýär. Şu jähtden, medeni syýasat ýurduň milli bähbitleriniň amala aşyrylmagyny gytaklaýyn üpjün edýän ugur bolup, onuň netijeleri ykdysady üstünliklerde, özara bähbitli syýasy ylalaşyklaryň gazanylmagynda öz aýdyň beýanyny tapýar. Hususan-da, halkara guramalar bilen bu ugurda alnyp barylýan hyzmatdaşlyk diplomatiýanyň dürli görnüşleriniň has-da işjeňleşmegine ýardam bermek bilen şeýle hyzmatdaşlyklaryň häsiýeti Hormatly Prezidentimiziň dünýä ýurtlary bilen gatnaşyklarynda öňe sürýän we bitaraplygymyza esaslanýan “dost doganlyk we parahatçylyk” ýörelgelerine doly gabat gelýändir. Munuň özi bolsa bu gün Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygyny deňhukuklyk, özara peýdalylyk ýurtlaryň we sebitleriň arasyndan ynanyşmagy pugtalandyrmagyň hem-de parahatçylygy saklamagyň möhüm guraly hökmünde garamak esasynda ösdürýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.



**Şöhrat DURDYGYLYJOW,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Daşoguz welaýaty boýunça wekilhanasynyň attaşesi.**

# THE AMBASSADOR OF TURKMENISTAN PRESENTED CREDENTIALS TO THE PRESIDENT OF THE REPUBLIC OF LEBANON



On August 2, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Republic of Armenia M.Ayazov in a solemn atmosphere presented his credential letters to the President of the Republic of Lebanon Michel Aoun as the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of Turkmenistan to the Republic of Lebanon (with the residence in Yerevan).

During the ceremony, the Ambassador conveyed warm greetings and best wishes of the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov to the President of the Republic of Lebanon Michel Aoun.

In the course of the meeting, the President of the Republic of Lebanon Michel Aoun asked to convey his warm greetings to the President of Turkmenistan and expressed confidence in the further strengthening of bilateral relations between Turkmenistan and the Republic of Lebanon.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

### *Повышение потенциала туркменских дипломатов*

Туркменские дипломаты прошли учебный курс «Дипломатия в 21 веке». Он организован совместно с Министерством иностранных дел Туркменистана и Агентством США по международному развитию USAID в рамках Программы по содействию совершенствованию государственного управления.

Лекторы из Лондонской академии Глобального дипломатического форума поделились с представителями дипломатической службы страны особенностями дипломатического искусства.

### *Семинар по продвижению гендерного равенства*

Двухдневный семинар по интегрированию гендерной перспективы состоялся 2-3 августа 2022 года в Национальной туристической зоне «Аваза» города Туркменбаши.

В мероприятии, организованном Центром ОБСЕ в Ашхабаде в рамках проекта «Укрепление потенциала Государственной пограничной службы Туркменистана», приняли участие представители соответствующих государственных органов страны, международные и национальные эксперты.

### *Международная выставка и конференция, посвященная Дню строителя, соберет в Ашхабаде около 120 предприятий*

Международная выставка и конференция «Строительство, промышленность и энергетика Туркменистана – 2022» откроется в Ашхабаде 6 августа. Экспозиция посвящена Дню работников строительного и промышленного комплекса.

В выставочном зале Торгово-промышленной палаты Туркменистана свои павильоны представят около 120 государственных предприятий страны, в том числе частный сектор и научные учреждения, а также иностранные компании.

### *Онлайн-кампания представительства ЕС в Туркменистане*

В поддержку недавно опубликованного закона Туркменистана «О собаководстве и кинологической деятельности» представительство Европейского Союза в Туркменистане запустило онлайн-кампанию «10 дней любви и добра».

Кампания, которая продолжится до 10 августа, призывает всех быть добрее и внимательнее к домашним питомцам.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***